# Baldagyň gurluşy



# BALDAK WE ONUŇ GÖRNÜŞLERI

Baldak pudagyň sütün bölegidir. Ol *daýanç, maddalary geçirmek, fotosintezi amala aşyrmak, ätiýaçlyk madda toplamak ýaly wezipeleri ýerine ýetirýär.* Baldak ýapraklary öz üstünde ýerleşdirip, olary ýagtylyga çykarýar. Ösümlikleriň baldaklary agaçjymak, otjumak, bogun aralarynyň uzynlygy boýunça bolsa gysgalan (5), uzalan, ösüş ugry boýunça dik ösýän (1), çyrmaşýan (2), dyrmaşýan (3), ýere ýazylyp ýatýan (4) görnüşde bolýar.



# Agaç baldagynyň içki gurluşy

**Gabyk** ýukajyk **derijimek dyky** hem-de **süýümden** ybaratdyr. Derijimek dyky gatlagy agajyň içine zyýanly maddalary geçirmeýär we agajyň içki böleklerini guramakdan we ýylylygyň üýtgäp durmagyndan goraýar. Gabygyň berkligi içindäki **süýümlere** baglydyr. Gabygyň aşagyndaky ýaş näzik öýjükler **kambiý** halkasyny emele getirýär. **Agaç gatlagy** baldagyň esasy massasy bolup, dykyz hem-de örän gaty bolýar. Baldagyň **özeni** boşlag we ýumşak bolýar. Onda ýokumly ätiýaçlyk maddalar toplanýar.





# Köpýyllyk agaçlaryň baldagy şu aşakdaky dokumalardan ybaratdyr:




1. **örtüji dokuma** - dyky, süýüm (elek şekilli turbajyk hem-de hemra öýjükleri, ätiýaçlyk madda toplaýan öýjükler)

2. **emele getiriji dokuma** - kambiý, agaç (damarlar, süýümler ätiýaçlyk madda toplaýan öýjükler), özen.

# Baldagyň öýjükli gurluşy




Baldagyň dürli derejeleriniň kese-kesigi

Baldagyň kese-kesigi

1. prokambiý
2. epiderma galyndysy
3. dyky
4. kollenhima
5. gabygyň parenhimasy
6. endoderma
7. peresikliçeskaýa zona
8. perwiçnaýa floema
9. gaty lub
10. ýümşak lub (wtoriçnaýa floema
11. ýürekşekilli şöhle
12. kambiý
13. güýzki drewesina
14. ýazky drewesina
15. wtoriçnaýa drewesina
16. perwiçnaýa drewesina
17. perimedullýarnaýa zona
18. esasy parenhima

A-

# Baldagyň uzynlygyna we keseligine kesilen görnüşi




1. gabyk ( epiderma, dyky, başlangyç gabyk)
2. lub; 2- süýümler
3. elek şekilli turbajyklar
4. hemra öýjükleri
5. lubuň parenhima öýjükleri
6. kambiý öýjükleri
7. damar öýjükleri
8. agaçjymak süýümler
9. agaçjymak süýüminň parenhima öýjükleri
10. özen öýjükleri



# ÝYLLYK HALKALARY





**Agaçlar ýaşaýşynyň dowamynda diňe bir uzynlygyna ösmän, eýsem yogynlygyna-da ösýäler. Baldak gabygynyň iç ýüzünde ýerleşen kambiý halkasynyň öýjükleriniň bölünmegi hem-de ulalmagy netijesinde ýognaýar.** ***Kambiýniň iç tarapky öýjükleri agaç gatlagynyň öýjüklerine, daş tarapky öýjükleri bolsa gabygyň öýjüklerine öwrülýärler.***

**Agaç gatlagyň ýylyň dowamyndaky ösüşine ýyllyk halkasy diýilýär. Ýyllyk halkasy arkaly agajyň ýaşyny, ösýän şertini kesgitläp bolýar.**